# Ýuwaş! / gülküli hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 24 января, 2025
Ýuwaş! / gülküli hekaýa ÝUWAŞ!

Aýlygyny alyp pullanan gelin bazara gitjek bolýar.
– Dur, keýwany! Agyr ýük göterme, ýeke özüñe kyn bolar. Ýanyñ bilen gidip, kömekleşeýin – diýip, adamsy rehim edýär.
– Aý, bolýar-la, kakasy. Özüm giderin, sen arkaýyn dynjyñy al – diýip, aýaly ýeke gitjek bolýar.
– Ýok, ýok, keýwany, seni ýadadyp bolmaz. Häzir bileje gideris.
– Bolýar-da onda. Ýöne… Kakasy, bazara barañsoñ, satyjylar bilen dawalaşyp durmagyn. Zatlary özüm alaryn. Sen diñe göterişseñ bolýar – diýip, aýaly haýyş edýär.
Tirkeşip, allanäme bolup bazara barýarlar.
– Süzme näçeden?
– 20 müñ.
Adamsy süzmäñ ýüzünde yzyny goýup, barmagy bilen ýalap görýär-de:
– Turşy süzmen 15 müñ bolanda bolanokmy? – diýip, satyjy gelne ýüzlenýär.
– Ýok, bolanog-a, daýy. Hon-ha, 30 müñden satyp durlar.
– Hany onda çemçäñi ber. Düýbünden agdaryp görjek. Geçen gezek alan süzmämiziñ içine könelen tworog garylan eken.
– Alsañ, al, agam, almasañ, gidiber – diýip, gelin beýlesine bakyp oturýar.
– Bulara kemini aýtsañ, halamazlar – diýip, ýaşuly gaty sesi bilen gürleýär. Onda aýaly: «Ýuwaşrak, kakasy. Hon-ha, tanyş aýal barýar, utanýan» diýip, duýdurýar. Soñam:
– Sen dur şu ýerde. Häzir özüm alyp gelýän – diýip, başga bir satyjydan süzme alyp gelýär.
Oña çenli adamsy:
– Sogan näçeden?
– 10 müñ.
– O nähili beýle. Teke bazarynda 6-dan, 7-den. Näme, bu

bazaryñ sogany üýtgeşikmikä?
– Aý, agam. Üýtgeşik näme işlesin. Söwdagärler köp bilýär-ä. Köp gatly jaýlaryñ ýakyny bolansoñ, alyjy köp, şoñ üçin şeýdýärler. – diýip, başga bir alyjy gürrüñe goşulýar.
– Ol oturana dagy bir seret. Töweregine çüýräm hurma ýaýradyp. Ýeri, zaýalanmanka arzanyrak sataý-da. Adama iýdirenden, çüýredip ýere dökenlerini gowy görýärler. Bular söwdanyñ tärini bilenoklar. Gurbanlyk güni soganyñ nyrhyny galdyrýan söwdagärler-dä. Il-ä haýyr-sogap üçin gurbanlyk edýär, bular bolsa şo gün nyrhy galdyrýarlar – diýip, ýaşuly käýinýär.
Mañlaýyny eliniñ aýasy bilen tutup, diñläp duran aýaly:
– Häzir ähli almaly zatlary alyp gelýän. Şu ýerde garaş. Onsoñ derrew taksili öýe aşaly. Kelläm agyryp başlady – diýip, hasanaklap gidýär. Köp eglenmänem, ýüklenip gelýär-de:
– Ýör, kakasy. Taksi tut – diýip, tirkeşip ýola çykýarlar. Taksiniñ yzynda aýaly, sürüjiniñ gapdalynda adamsy otyr. Öýleriniñ deñine ýetýär welin, ýaşuly:
– Inim, şu ýerde saklanaý – diýip, sürüjä ýüzlenýär-de, 10 müñlügi uzadýar. Sürüji:
– Bar berýäniñ şum-aý, agam? – diýip, nägilelik bildirýär.
– Hawa, dagy näçe bermeli? Şu iki aralyga bir kürşge benzin ýakañok ahyry – diýip, ýaşuly düşündirjek bolýar. Sürüji bolsa puly ulagyñ tekjesine aýlap taşlaýar.
Adamsy:
– Naýynsap – diýip, käýinip başlaýar. Onda aýaly:
– Näme, jigim. Porsap duran ulagyñ ysu üstümize çykyp gitdi. Iki ädime ýüregim bulanyp zordan geldim. Arkañ bilen getiren ýaly-la, minnet edip. Başga sürüjiler şu aralyga 10 müñ manat berseñ, 5-ini gaýtardyp berýärler – diýip, gapyny ýapýar. – Düş-de, ýap gapysyny. Ynsaply ýaşamak ýeke bize degişlimi? Razy bolmasa, tersine razy bolsun – diýibem gaharly gürläp, adamsyna ýüzlenýär. Şol wagt sürüji ulagyny ala-tozan edip, gahar bilen sürüp gidýär. Ýaşulynyñ aýaly bolsa ondan beter gaharlanyp:
– Ozal bazara ýeke özüm gidip, awtobus bilen gelen bolsam, gowy bolardy – diýip, tasanjyrap ýöräp ugraýar welin, adamsy:
– Ýuwaş… Keýwany, hon-ha, tanyş adam barýar meni utandyrma –

diýip pyşyrdaýar.

Akgül SAPAROWA. Satiriki hekaýalar